# Kämil şygyrlara esassyz şübheler

Category: Goşgular,Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş,Romanlar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025

Kämil şygyrlara esassyz şübheler KÄMIL ŞYGYRLARA ESASSYZ ŞÜBHELER



Türkmeniň milli şahyry Magtymgulynyň döredijiligi hakynda daşary ýurtlarda  türkmenler üçin çap edilýän metbugatlarda (internet saýtlarynda) maglumat berilmegi, bir tarapdan gutlanmaly hadysa. Emma agzalan metbugatlarda Magtymguly Pyragynyň döredijiligi hakynda söhbet edilmän, **Gylyç Mülliniň tabşyran 214 goşgusy** barada agyz doldurylyp aýdylmagy gaty geň. Men ol makalalary hem olaryň awtorlary barada

giňişleýin durup geçmekden saklanýaryn, Sebäbi kim gyzyklanýan bolsa ol makalalar maglumat hökmünde kitapcy.ru saýtynda hem goýlupdyr. Makalalaryň biri rus, beýlekisi hem öz ene dilimizde, ýöne makalanyň ikisinde hem täze pikir ýok, Magtymgulynyň şygryna bildirilýän şübheli pikirler esassyz gaýtalanypdyr. Makalada Gylyç Mülliniň 1946-njy ýylda Magtymgulynyňky diýip tabşyran 214 şygry hem şol şygyrlary anyklamak boýunça akademik Berdi Kerbabaýewiň ýolbaşçylygynda TYA-nyň hem TSSR Ýazyjylar Soýuzynyň 1968-nji ýylyň 5-nji aprelinde geçiren ýygnagy hakynda söhbet edilip, şol ýygnak tankyt astyna alnyp, awtorlaryň pikiriçe, şu çaka çenli Magtymgulynyň şübheli şygyrlary baradaky jedeller "doňdurylyp" **hiç bir alymam "doňdurylan jedelleri" çözmäge milt edip bilmeýärmişin**.
Awtoryň "Magtymgulynyň şübheli şygyrlary baradaky jedeller "doňdurylyp" hiç bir alymam "doňdurylan jedelleri" çözmäge milt edip bilmeýär" diýen hakykatdan daş pikirine jogap bermekden başlaýyn. Mysal, men **Magtymgulynyň terjimehaly meselesi bilen ylalaşmaýandygymy** student ýyllarymda 1991-nji ýylda ylmy-amaly maslahatda, soňra 2008-nji ýylda şu meseläni halkara metbugatda-da, habar seriş serişdelerinde hem gozgadym. 2011-2012-nji ýyllarda Halkara metbugatynda Magtymgulynyň terjimehalyny dogry öwrenmek hem şahyryň şygyrlaryna şübhe bildirmezlik hakynda çykyş etdim. 2015-2017-nji ýyllarda "Magtymguly milli edebiýaty esaslandyryjydyr" diýen temany üç ýyllyk meýilnamalaýyş ylmy iş hökmünde TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynda ýerine ýetirip, şol ylmy işde **şahyryň şygyrlaryna bildirilen şübheleriň hiç bir deliliniň ýokdugyny** ylmy taýdan esaslandyrdym. Halypa alym Annagurban Aşyrow "Magtymgulynyň golýazmalarynyň derňewi" atly 2014-nji ýylda çap edilen kitabynda Gylyç Mülliniň Magtymgulynyňky diýip tabşyran şygyrlarynyň diňe Pyraga degişlidigini anyk deliller bilen subut etdi. Şeýlelikde, Alymlaryň teklip etmegi bilen Magtymgulynyň öň asmandan alnan esassyz tejimehaly Türkmenistanyň Milli Lideri, şol wagtky Prezidentiň şu meselä düşünen paýhasy bilen takyklanyp, täze gelnen şahyryň doglan senesi boýunça Magtymgulynyň 300 ýyllygy dabaraly Halkara derejede bellenýär. Häzir Gündogaryň beýik akyldary Magtymgulynyň şygyrlary bölünmän bitewülikde öwrenilýär.
**Magtymgulynyň şygyrlaryny bölmegiň kerwenbaşysy**

akademik **Zylyha Bakyýewna Muhammedowa**dy. **Aşyrpur Meredow**, **Sapar Ahally** şu üç alym şahyryň şygyrlaryna müňkürlik etmekde uly işeňňirlik görkezdiler. Soňra bu işe **ylymdan daş ýazyjy-şahyrlar**, käbir mekdep mugallymlary goşuldy. Magtymgulynyň şygryna şübhe bildirýänleriň delili gybatdan aňryk geçenokdy. Akademik Zylyha Bakyýewna Muhammedowanyň şübhesi şahyryň şygyrlaryny 24 ýaşly Gylyç Mülliniň ýat bilmegi mümkin däl. Goşgularyň çeperçiligi pesdigi hakykatdan daş pikirlerdi. Sapar Ahally hem Aşyrpur Meredowam 214 şygryň çeperçiliginiň pesdigini aýdýardylar. Emma Magtymgulynyň eserlerine şübhe bildiren **üç alymyňam şygryň çeperçiligini bilmek derejesiniň örän ýabygorly bolandygyny** açyk aýtmagymyz gerek. Sebäbi Pyragynyň 214 şygryna şübhe bilen garan bu üç alymam kämildigi anyk görnüp duran “Türkmeniň” şygry şahyryň ýetginjeklik hyjuwy bilen ýazan “Gürgeniň” şygryndan göçürilip ýazylypdyr” diýenlerinde **bu alymlaryň çeper döredijilige asla düşünmändiklerine** haýpyň gelýär. Gylyç Mülliniň Magtymgulynyňky diýip tabşyran şygyrlarynyň, aýratynam “Türkmeniň” eseriniň örän kämildigini anyk subutnamalar bilen akademikler Berdi Kerbabaýew, Aman Kekilow, Baýmuhammet Garryýew, professorlar Mäti Kösäýew, Nazar Gullaýew, ussat ýazyjy-şahyrlar Gara Seýitliýew, Beki Seýtäkow, Hydyr Derýaýew, Gylyç Kulyýew, Gurbandurdy Gurbansähedow, Berdinazar Hudaýnazarow ýaly onlarça tanymal alymlardyr döredijilik işgärleri metbugatda çykyş edipdiler, şol mesele boýunça geçirilen ýygnakda pikirlerini aýdypdylar. Emma Magtymgulynyň şygyrlaryna şübhe bildiren üç alymyň, olara goşulan käbir döredijilik işgärleriniň, mekdep mugallymlarynyň şu çaka çenli jemi ýazan makalalarynyň sany ýigrimiden gowrak bolup, şahyryň şygyrlaryny şübhe astyna aljak ygtybarly ýeke delilem getirip bilmändirler. Adyny aýdyp oturmaýyn, ýazyjy hökmünde hormat goýulýan tanymal bir adam şahyryň golýazmada gelýän “Aýryldym” şygryndaky:

*Illeri bar diňli-deňli,*
*Sowuk suwly ter öleňli,*
*Ili gökleň, ady-Meňli,*
*Näzli dildardan aýryldym*

bendiniň aslynda şeýle bolmalydygyny ynandyrmaga çalyşýar:

*Illeri bar diňli-diňli,*

*Sowuk suwly ter öleňli,*
*Ili Gökje, ady-Meňli,*
*Näzli dildardan aýryldym.*

Sebäbi Meňli Gylyç Müllinin obadaş söýgülisimiş. Gylyç Mülli bolsa Marynyň Gökje obasyndan, şol sebäpli bu şygry obadaş gyzyna bagyşlap Gylyç Mülli ýazanmyşyn. **Şeýle makalalary okap aglajagyňyda-güljegiňi-de bilmeýärsiň**. Ýokarda mysal getiren makalamyzdan bölegi haýsydyr bir mekdep okuwçysy däl-de, taryhy romanlaryň awtory bolan ýazyjynyň ýazandygyna familiýasyny görmeseň ynanar ýalam däl. Magtymgulynyň mysal getiren "Aýryldym" şygrynyň tas 150 ýyl mundan öň ýazylan golýazmada bardygyny aýtsaňam, şol ýazyjynyň pikirinden dänjegine ynamymyz ýok. Onuň diýjek zadynam öňünden aýdaýyn. Magtymgulynyň öz eli bilen ýazan golýazmasyny görkezmeseňiz hiç zada ynanman diýer. **Ony görkezseňem möhürini sorar**.
Magtymgulynyň şygyrlaryny şübhe astyna alyp ýazylan makalalaryň biri-birine gapma-garşylary hem az däl. Garaz, **şahyryň şygryna şübhe bildirýänleriň pikirleri üzlem-saplam**. Şonuň üçin şu çaka çenli olaryň Pyragynyň eserlerini şübhe astyna alýan pikirleriniň ýekejejigem ylmy taýdan esaslandyrylmadyk. Ol ýazylan makalalaryň **delilleri örän gowşak, köp halatda gülkünç**.
Täze ýazylan makalalar baradaky söhbete dolansak, şol makalany ýazan awtorlar hakykaty bilmek isläp, **bolmanda, şu kitapcy.ru internet saýtyny okan bolsalaram**, Türkmenistanda Magtymgulynyň döredijiligi barada soňky on bäş ýylda gaty uly işleriň edilendigine göz ýetitrerdiler. Magtymguly barada rus dilinde makala ýazan awtora Ilga Mehdä düşünse bolar. Oňa türkmen dilinde az sanly Magtymgulynyň şygyrlaryna edilýän şübheli pikirlerden başga şol mesele boýunça makalalaryň bardygy barada maglumat bermändirler. Emma türkmen dilinde makala ýazýan islendik adam Magtymgulynyň emeli döerdilen "jedelli" şygyrlary hakynda aýdylýan şübheli pikirleriň hiç bir esasynyň ýokdugyny internet saýtlaryny okanam bolsa görerdiler. Käbir awtorlar hakykaty görmek islänoklar, olar kiçijik meseläni ulalatmak arzuwynda bolup, peşeden pil ýasamak isleýärler.

Magtymgulyşynas alymlaryň, tanymal döredijilik hem jemgyýetçilik işgärleriniň Magtymgulynyň eserleri barada bir agyzdan gelen netijesine “agressiw köplük” ýeňdi diýmegi awtoryň hakykaty görmek isleginden ugur alman, her edip, hesip edip, meseläni ulaltmak, öjükdirmek matlabyna gulluk edendigini görkezýär. Awtoryň salgylanýanlaram “anonim” adamlar. Makalany ýazan awtor islendik mesele köpçülige salynsa, azlygyň köplüge tabyn bolmalydygyny bilmeýärmikä?! Şol makalaň awtory köplük bolup gelnen netijä “agressiw köplük” diýipdir. Ol ABŞ-yň ýa beýleki demokratik hasaplanýan Ýewropa döwletlerindäki Prezident saýlawlarda “agressiw köplük Prezidenti saýlady” diýip bilermikä?!
Gylyç Müllkniň Magtymgulynyňky diýip tabşyran 214 şygrynyň tekstologiýasy barada 1968-nji ýylyň 5-nji aprelinde TSSR Ýazyjylar Soýuzynyň geçiren şol ýygnagyna ýazyjylar bilen birlikde alymlar, ýokary okuw jaýynyň mugallymlary we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri jemi kyrka golaý adam gatnaşyp, ýygnagyň protokolyny uniwersitet mugallymyz Kakajan Durdyýew hem Nazar Gullaýew ýazypdyr, ýagny olar şol ýygnagyň kätibi bolupdyrlar. Ýygnakda şol döwrüň iň sylanýan adamlary, alymlar, ýazyjylar çykyş edip, biragyzdan Gylyç Mülliniň tabşyran şygyrlarynyň Magtymgulynyň beýleki eserleriniň üstüni ýetirýändigi bellenip, şol 214 şygryň Pyragynyňky diýen netijä gelnipdir. Şol ýygnakda çykyş eden adamlaryň ylym ýüküniň şahyryň şygryny inkär edýän üç alymyňkydan ýokary bolmasa, pes däldigini anyk bilýäris.
Ilki bilen şol üç alymy Magtymgulynyň şygryna şübhe bilen garandyklary üçin hiç haçan yzarlamandyklaryny aýtmak gerek. Şol alymlaryň sowatlylyk derejesi hakynda şulary aýdyp biljek. Akademik Zylyha Muhammedowa dilçi alym. Professor Nazar Gullaýewiň tassyklamagyna görä, bu halypa alym: “**Men ylmy dilde türkmençe bilemok**” diýer ekeni. Şol sebäpli akademik Zylyha Muhammedowanyň türkmen dilinde ýazan ýeke makalasam ýok. Akademik Zylyha Muhammedowanyň türkmen ylmyny ösdürmek üçin eden hyzmatlaryny bilýärin. Emma ylymda **türkmen dilini bilmeýändigini boýun alan** Zylyha Muhammedowa döredijiligi ylma

ýugrulan Magtymgulynyň eserleriniň onuňkydygyny ýa däldigini nähili ýagdaýda bilýärkä?! Şu mesele boýunça 1961-nji ýylda Berdi Kerbabaýewiň ýolbaşçylygyndaky geçirilen ýygnakda akademik Zylyha Muhammedowa **“Türkmençe bilmän, nädip Magtymgulynyň eserleriniň onuňkydygyny ýa däldigini kesgitläp bilýäň?»** diýen sowaly berenlerinde ol: “Magtymgula düşünmek kyn däl, Onsoňam men şahyryň şygyrlarynyň türkmençesini rusçasy bilen deňeşdirip öwrenäýýän. Ýygnagyň meselesi Magtymgulynyň şygyrlaryny meniň bilşim hakynda däl” diýip aýtmagy gaty geň hem başdansowma jogap diýilse, köpler ylalaşsa gerek. Sapar Ahally hem Aşyrpur Meredow pars dilini suwara bilýärdiler, olaryň arap dilini bilşi makalada beýan edilişi ýaly suwara däl. Sapar Ahallam, Aşyrpur Meredowam gürrüňsiz ylymly alymdy, **ýöne bu iki alymda türkmene mahsus milli duýgy ýokdy**. Şol sebäpli professor Nazar Gullaýew Aşyrpur Meredowyň işlerini mydama tankyt ederdi. Zylyha Muhammedowanyň hem Sapar Ahallynyň **är-aýaldygynam** aýtmak gerek.
Şu çaka çenli “Magtymgulynyň şübheli şygyrlary baradaky jedeller “doňdurylyp” hiç bir alymam “doňdurylan jedelleri” çözmäge milt edip bilmeýär” diýip makalanyň awtorynyň beren maglumaty hiç bir hakykata gabat gelmeýär. Magtymgulynyň şygryna şübhe bildiren alymlar halkdan goldaw tapmadylar. Hatda olary alymlaryň içinde hem goldan az boldy. Ýa makalaň awtory **“esassyz zady çyna berimsiz edip ýalan sözlemegi”** milt etmek hasaplaýarmyka?! Men gowşak diýilýän “Türkmeniň” şygrynyň gaty çeper poeziýadygyny türkmen dilinde makala ýazan awtoryň akyl ýetirýändigine, ýöne onuň maksadynyň hakykaty bilmek däldigine örän gowy düşünýärin.
Makalanyň awtory **Ýowşan Annagurbanow** Magtymgulynyň şübheli şygyr meselesini **hakyky öwrenmek niýetinde bolan bolsa**, şol mesele boýunça 1968-nji ýylda geçirilen maslahat hakynda teýeneli gürrüň edip, şol mesele boýunça 1961-nji ýylda geçirilen ýygnak hakynda **dymmazdy**. Bu ýygnak hakynda men şu ýylyň 12-nji maýynda giişleýin çykyş edipdim. Şol ýygnakda nämeleriň bolup geçendigini okyjylara gysgajyk ýatladaýyn. Professor Nazar Gullaýewiň tassyklamagyna görä, 1961-nji ýylda

Zylyha Muhammedowanyňam çagyrylmagynda Gylyç Mülliýewiň kiril hatynda tabşyran Magtymgulynyň şygyrlarynyň meselesine garamak üçin ýurduň men diýen alymlarynyň ýigrimä golaýynyň gatnaşmagynda Türkmenistan Ylymlar akademiýasynda uly ýygnak geçirilip, bu maslahata menem (Nazar Gullaýew özüni göz öňüne tutýardy) gatnaşdym. Sebäbi şol şygyrlaryň Magtymgulynyňkydygyny delillendirip, birküç ýerde çykyş edipdim. Maslahat başlan badyna, her bir adamyň çykyşynyň protokoly doly ýazylyp, çykyşlaryň sesli ýazgysyny etmeli diýlen karara gelindi. Şol maslahata Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetinden degişli emeldary (Şol emeldaryň adyny familýasyny gysgaldyp A.A. diýip belläpdirin, ýöne mugallymyň kim diýeni ýadyma düşenok) gatnaşyp, şol emeldaryň gözegçiliginde maslahatda edilen çykyşlaryň sesi ýazgy edildi.

Şol maslahata ussat halypa bagşymyz Sahy Jepbarow gatnaşyp, çykyşynda şeýle diýipdir: “Adamlar, men ol şygyrlar barada ylmy çykyş edip biljek däl. Ýöne, biz bagşylar “Ýaranlar”, “Dogrusy”, Bu gün”, «Ýaryň ýagşysyn”, “Mert bolmaz”… ýaly onlarça aýdymlary Gülyç Mülliniň golýazmasyndan öwrenip aýdamzok. Ol aýdymlary halypalaram, olardan öwrenip bizem Gylyç Müllüniň golýazma tabşyrmagyndan has ir aýdýardyk..”

Professor Nazar Gullaýewiň aýtmagyna görä, bu maslahat örän çekeleşikli geçipdir. Maslahatyň soňunda köpçüligiň goldamagy esasynda (üç adamyň garşy, ýigrimi adamyň goldamagynda) şol şygyrlary Magtymgulynyňky diýip ykrar etmeli diýlen karara gelnipdir. Ýöne bu maslahatyň ses ýazgysy ýitirim edilipdir, protokoly bolsa Magtymgulynyň şygyrlaryna şübhe bildirýänleriň haýryna ýumşadylypdyr, üýtgedilipdir. Sahy Jepbar halypanyň şol maslahata gatnaşandygy bolsa asla görkezilmändir. Edil häzirki döwürde (2008-nji ýyl) şol maslahatyň protokolynyň bardygy hem belli däl.

Belki, şonuň üçindir 1968-nji ýylyň aprelinde TSSR Ýazyjylar Soýuzynyň Prawleniýasynyň gurnamagynda “Türkmen edebiýatynyň klassyk şahyry Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň tekstologiýasy” at bilen TYA-nyň alymlarynyň, şol wagtyň

görnükli jemgyýetçilik işgärleriniň gatnaşmagynda giňişleýin maslahat geçirilipdir. Ol maslahaty TSSR Ýazyjylar Soýuzynyň Prawleniýasynyň başlygy, TYA-nyň akademigi Berdi Kerbabaýew alyp barypdyr. Bu maslahata Pyragynyň şygyrlaryna şühbelenýänler çagyrylman, şonda çykyş edenleriň köpüsi tarapyndan (Şol ýygnakda çykyş edenler 14 adam ekeni) medeniýetli ýazgarylypdyr. Berdi Kerbabaýewiň çykyşynyň bir ýerinde 1961-nji ýylda geçirilen maslahat hakynda aýdylyp, şol maslahatda hem Magtymgulynyň şygyrlaryny doly görnüşde ykrar etmek kararyna gelnendigi nygtalýar. Bu maslahatyň soňunda hem şek-şühbesiz Magtymgulynyň şygyrlaryny doly görnüşde ykrar etmek karar edilipdir. Bu maslahatyň doly teksti halk köpçüligi üçin elýeterli. Şol maslahaty ýazan kätipleriň uniwersitet mugallymyz Kakajan Durdyýew hem Nazar Gullaýewdigini aýtmak artykmaçlyk etmese gerek. Şu ýerde şu hakykaty nygtamak isleýärin. Beýik akyldar Magtymgulynyň şygyrlarynyň hemme nusgasyny bitewi ykrar etmek barada birnäçe oňyn karalar kabul edilenem bolsa, Gylyç Müllüniň tabşyran 214 şygyrlaryny şübhe astyna alýan makalalar **Saparmyrat Nyýazowyň** 1994-njy ýylda “**Magtymgulynyň şygyrlary hakyndaky jedeliňizi ylmy taýdan anyklaýançaňyz metbugatda bes ediň**” diýip beren aýgytly tabşyrygyna çenli dowam etdi.
1961-nji ýylda geçirilen maslahatyň ses ýazgysynyň ýitirim edilmegi böwrüňi diňledýär. Ýowşan Annagurbanowyň aýdyşy ýaly, ol wagt ýurdumyz Kommunistik partiýanyň demir penjesi bilen dolandyrylýardy. Partiýa emeldarlarynyň rugsady bolmasa, Magtymgulynyň “şübheli şygyrlary” diýilýän pikiri kül-peýkun edip, 214 şygryň Magtymgulynyňkydygyny subut edýän alymlaryň, aýratynam ussat Sahy Jepbaryň sesi ýazylan kassetany ýitirip gör, gözüňi nireden açarlar?!
1968-nji ýyldaky ýygnagyň kätibi bolan professor Nazar Gullaýew 1968-nji ýyldaky ýygnagyň protokolyna girmedik pikirleri şeýle beýan etdi. Ýygnaga ýolbaşçylyk eden akademik Berdi Kerbabaýew alymlaryň “Ýygnagyň ses ýazgysyny edeliň” diýen teklibine Merkezi komitetden rugsat ýok” diýen jogaby, “ussat halypa Sahy Jepbary bir çagyralyň” diýen teklibe bolsa, Berdi aganyň: “Biziň başga adamlary çagyrmaga rugsadymyz ýok”

diýip jogap bermegi köp zady düşündirýän bolsa gerek. Şol wagt dolandyryjy Kommunistik partiýanyň Mekezi komiteti iki oýun oýnapdyr diýen anyk netijä gelse bolýar. Birinjiden, Kommunistik partiýanyň Mekezi komiteti köpçüligiň pikirini goldandan bolupdyr, ikinjiden bolsa, türkmen dilini bilmeýän bir akademik zenany Zylyha Muhammedowa hem milli duýgusy örän gowşak bolan iki alym Sapar Ahallyny hem Aşyrpur Meredowy dürli ýollaryň üsti bilen gijjeläp, türkmen döwletini, türkmen aň bitewüligini-bir dünýägaraýşy islän milli şahyryň şygyrlaryna halkyň içinde şübhe döretdirmelidi. Sebäbi:

*Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,*
*Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,*
*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,*
*Göteriler ol ykbaly türkmeniň.*

Bu bende halk ynanaýsa, kommunizmi wada berýän partiýanyň syýasatyna kölege salnyp, garaşsyz watan hakyndaky düşünje döräýse nätmeli bolar. Şonuň üçin Kommunistik partiýanyň Merkezi komiteti sada türkmeneniň başyna hileli oýnuny gurnady. Bir tarapdan halkyň ynanjaň alymlardyr döredijilik işgärleriniň sagdyn pikirini goldandan bolmalydy. Ikinji tarapdan bolsa şahyryň türkmen döwletini döretmek hem halkyň aň bitewüligini ündeýän milli şahyr Magtymgulynyň şygyrlaryna müňkürlik döretmek gerekdi. Munuň üçin "saýlanyp alnan" adamlaram bisowat däl. Hatda Zylyha Muhammedowa **türkmen dilini bilmän, Magtymgulynyň şygyrlaryna düşünmese-de**, ol akademik. Biziň bilşimizçe, professor Nazar Gullaýewiň kepil geçmeginde Magtymgulynyň kämil şygyrlaryna Kommunistik partiýanyň Merkezi komiteti hileli oýny bilen halkyň arasynda kiçijigem bolsa şübhe döretmek isledi. Ýöne "Halk ýamany bizarydyr". Şahyryň kalbyndan süzülip çykan setirleri halk ýele bermedi. Türkmen intelgensiýasam bu meselede berk durdy. Şol sebäpli Magtymgulynyň şygyrlaryny halkymyz tarapyndan şübhe döremedi. Asla ussat halypa Sahy Jepbaryň kepil geçişi ýaly, Gylyç Mülliniň 214 şygry tarpdan alnan däl, ol diňe öň bagşylaryň, halkyň belli-belli

adamlarynyň ýadynda bolan şygyrlary halka jemläp gaýtaryp berdi. Bu şygyrlaryň arap elipbiýindäki golýazmasynyň bolmazlygy ol eserleriň Pyragynyňky däldigine asyl kepil bolup bilmez. Nusgawy şahyrymyz Keminäniň ýekeje golýazmasam ýok. Onuň bar şygyrlary halkyň, bagşylaryň dilinden ýazylyp alnan. "Gylyç Mülliniň Magtymgulynyňky diýip tabşyran 214 şygrynyň arap hatyndaky golýazmasynyň ýokdugy hem ol goşgularyň şahyryňky däldigini subut edýär" diýip ynandyrjak bolan Aşyrpur Meredow **arap hatynda bitewi ýekeje golýazmasy bolmadyk Keminäniň döredijiliginden kandidatlyk dissertasiýasyny gorapdyr**. Hany bu ýerde logika?! **Keminäniň arap hatyndaky golýazmasy bolmasa-da**, onuň **halk dilinden ýazylyp alnan şygyrlaryny kabul etmeli**. *Emma Magtymgulynyňkyny kabul etmeli dälmi?!*
Magtymgulynyň geçen asyryň birinji on ýyllygynda Külliýaty (şahyryň jemlenen eserler toplumy) bolandygyny rus gundogarşynas alymlaram, halkyň belli wekillerem tassyklaýar. Gündogaryň beýik akyldary Magtymgulynyň Külliýatynyň iki puta barabar bolandygy hakynda anyk maglumatlar bar. Onsoň nämeüçin biz şahyryň kämil 214 şygryny Gylyç Mülliden aldyk diýip inkär etmeli?!
Beýik akyldar Magtymgulynyň kämil şygyrlaryna nähak töhmet bilen şübhe bildirip, "halkyň agzyny alart-da höküm sür" diýilýän zamanaň möwrüti geçdi. Bu gün türkmen garaşsyz, bitarap döwletde ýaşaýar. Halkymyzam, döwlet ýolbaşçymyzam, Türkmenistanyň Milli Liderem Magtymgulynyň döredijiligine çäksiz sarpa goýýar. Şol sebäplem Magtymguly bu gün dünýä çykýar, jahany aýlanyp ýör. Şol sebäpli türkmeniň milli guwanjy bolan Magtymguly barada makala ýazýan awtorlara şahyryň dürdäne pikirleri barada söhbet etseňiz, halk goldar, okar. Emma beýik akyldaryň kämil şygyrlaryna emeli şühbe bildirmek isleýänlere ýalan ýazýan zatlaryňyza özüňiz bir ynanýarsyňyzmy?! Bolmanda, şu sowala ynsabyňyzyň öňünde jogap beriň diýip, makalany jemlemek isleýärin.

Döwletmyrat ÝAZKULYÝEW. Magtymgulyny öwreniş